**Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2016-njy ýylyň 26-njy awgustynda 1006 san bilen döwlet belligine alyndy**

**YLALAŞYLDY**
**Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministri**
**_________ N. K. Amannepesow**
**«22» iýul 2016 ý.**

**Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2016-njy ýylyň «10» awgustyndaky çykaran «81-Ö» belgili buýrugy bilen TASSYKLANYLDY**

**YLALAŞYLDY**
**«Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň başlygy**
**_________ K. H. Durdymyradow**
**«20» iýul 2016 ý.**

# Aýal-gyzlar we on sekiz ýaşyna ýetmedik adamlar üçin elde göterilýän we ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklaryň bellenilen aňryçäk kadalary

## I. Umumy düzgünler

1. Şu Aýal-gyzlar we on sekiz ýaşyna ýetmedik adamlar üçin elde göterilýän we ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklaryň bellenilen aňryçäk kadalary (mundan beýläk – Kadalar) Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 242-nji we 253-nji maddalaryna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy hem-de aýal-gyzlar we on sekiz ýaşyna ýetmedik adamlar üçin işiň (çalşygyň) dowamynda elde göterilýän we ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklaryň bellenilen aňryçäk kadalaryny kesgitleýär.

2. Şu Kadalar guramaçylyk – hukuk we eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan kärhanalar, edaralar we guramalar, şeýle hem hakyna tutma zähmeti ulanýan we işgär bilen zähmet gatnaşyklaryna girýän şahsy taraplar (mundan beýläk – iş beriji) üçin hökmanydyr.

## II. Aýal-gyzlar üçin elde göterilýän we ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklaryň bellenilen aňryçäk kadalary

3. Işiň (çalşygyň) dowamynda beýleki iş bilen gezekleşip (sagatda 2 gezege çenli) hemişe elde göterilýän we ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar – 10 kilogrammdan ýokary geçmeli däl.

4. Işiň (çalşygyň) dowamynda hemişe elde göterilýän we ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar we 1,5 metrden ýokary bolan beýiklige göterilýän agyrlyklar – 7 kilogrammdan ýokary geçmeli däl.

5. Işiň (çalşygyň) dowamynda elde ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklaryň jemi agramy – 3000 kilogrammdan ýokary geçmeli däl.

6. Işiň (çalşygyň) her bir sagadynyň dowamynda amala aşyrylýan iş

hereketiniň ululygy, şulardan ýokary geçmeli däl:

1) iş ýeriň üstünden – 1750 kilogramm/metrden ýokary geçmeli däl;

2) ýeriň üstünden – 875 kilogramm/metrden ýokary geçmeli däl.

7. Arabalarda ýa-da konteýnerlerde elde ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar üçin sarp edilýän güýç – 10 kilogrammdan ýokary geçmeli däl.

## III. On sekiz ýaşyna ýetmedik adamlar üçin elde göterilýän we ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklaryň bellenilen aňryçäk kadalary

8. On sekiz ýaşyna ýetmedik adamlar üçin şu Kadalaryň 9-njy we 10-njy bölümlerinde göz öňünde tutulan kadalaryň çäklerinde elde göterilýän we ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar, diňe olaryň hemişe ýerine ýetirýän hünär işi bilen gös-göni bagly bolan ýagdaýda rugsat berilýär.

9. On alty ýaşdan on sekiz ýaşa çenli adamlar üçin her bir aýry işgäriň elde göterýän we ondan-oňa süýşürýän agyrlyklaryň şu aşakdaky bellenilen aňryçäk kadalaryna laýyklykda rugsat berilýär:

1) elde agyrlyklary bir gezek götermek:

a) erkek adamlar üçin – 16,4 kilogrammdan ýokary geçmeli däl;

b) aýal-gyzlar üçin – 10 kilogrammdan ýokary geçmeli däl.

2) işiň (çalşygyň) dowamynda hemişe elde göterilýän we ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar:

a) erkek adamlar üçin – 4 kilogrammdan ýokary geçmeli däl;

b) aýal-gyzlar üçin – 3 kilogrammdan ýokary geçmeli däl.

3) işiň (çalşygyň) 1/3 böleginiň dowamynda hemişe elde göterilýän we ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar (sagatda 2 gezekden köp):

a) erkek adamlar üçin – 13 kilogrammdan ýokary geçmeli däl;

b) aýal-gyzlar üçin – 6 kilogrammdan ýokary geçmeli däl.

4) işiň (çalşygyň) 1/3 böleginiň dowamynda beýleki iş bilen gezekleşip (sagatda 2 gezege çenli) hemişe elde göterilýän we ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar:

a) erkek adamlar üçin – 18 kilogrammdan ýokary geçmeli däl;

b) aýal-gyzlar üçin – 8 kilogrammdan ýokary geçmeli däl.

5) işiň (çalşygyň) dowamynda elde ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklaryň jemi agramy (iş ýeriň üstünden göterilende):

a) erkek adamlar üçin – 1500 kilogrammdan ýokary geçmeli däl;

b) aýal-gyzlar üçin – 500 kilogrammdan ýokary geçmeli däl.

6) işiň (çalşygyň) dowamynda elde ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklaryň jemi agramy (ýeriň üstünden göterilende):

a) erkek adamlar üçin – 730 kilogrammdan ýokary geçmeli däl;

b) aýal-gyzlar üçin – 250 kilogrammdan ýokary geçmeli däl.

7) relsler boýunça hereket edýän wagonetkalarda elde ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar:

a) erkek adamlar üçin – 492 kilogrammdan ýokary geçmeli däl;

b) aýal-gyzlar üçin – 328 kilogrammdan ýokary geçmeli däl.

Ýapgyt tekizlik boýunça wagonetkalarda elde ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar üçin aňryçäk galşyň çägi (ýagny, galşyň iň ýokary beýikliginiň ýoluň uzynlygyna bolan gatnaşygy) 0,01-den köp bolmaly däl.

8) bir tekerli galtaklarda elde ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar:

a) erkek adamlar üçin – 49,2 kilogrammdan ýokary geçmeli däl;

b) aýal-gyzlar üçin – gadagan.

Bir tekerli galtaklarda elde ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar diňe togalanýan tagtalar boýunça hereket edilende rugsat berlip, onda aňryçäk galşyň çägi (ýagny, galşyň iň ýokary beýikliginiň ýoluň uzynlygyna bolan gatnaşygy) 0,02-den köp bolmaly däl.

9) iki tekerli arabalarda elde ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar:

a) erkek adamlar üçin – düz ýer boýunça (aňryçäk galşyň çägi 0,02-den köp bolmadyk) elde ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar 114,8 kilogrammdan ýokary geçmeli däl we düz däl ýer ýa-da köpri boýunça (aňryçäk galşyň çägi 0,01-den köp bolmadyk) elde ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar 57,4 kilogrammdan ýokary geçmeli däl;

b) aýal-gyzlar üçin – gadagan.

10) üç we dört tekerli arabalarda elde ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar:

a) erkek adamlar üçin – 82 kilogrammdan ýokary geçmeli däl;

b) aýal-gyzlar üçin – 57,4 kilogrammdan ýokary geçmeli däl.

Üç we dört tekerli arabalarda elde ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar diňe düz ýer – ýoldüşekli, tagtaly, plitkaly we şulara meňzeşler boýunça hereket edilende rugsat berlip – onda aňryçäk galşyň çägi (ýagny, galşyň iň ýokary beýikliginiň ýoluň uzynlygyna bolan gatnaşygy) 0,02-den köp bolmaly däl.

11) arabalarda ýa-da konteýnerlerde elde ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar üçin sarp edilýän güýç, şulardan ýokary geçmeli däl:

a) erkek adamlar üçin – 18 kilogrammdan ýokary geçmeli däl;

b) aýal-gyzlar üçin – 8 kilogrammdan ýokary geçmeli däl.

10. On alty ýaşyna ýetmedik adamlary bellenilen aňryçäk kadalar boýunça her bir aýry işgäriň elde göterýän we ondan-oňa süýşürýän agyrlyklaryň şu aşakdaky ussullaryna aýratyn ýagdaýlarda çekmek rugsat berilýär:

1) elde agyrlyklary bir gezek götermek:

a) erkek adamlar üçin – 8,2 kilogrammdan ýokary geçmeli däl;

b) aýal-gyzlar üçin – 5 kilogrammdan ýokary geçmeli däl.

2) işiň (çalşygyň) dowamynda hemişe elde göterilýän we ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar:

a) erkek adamlar üçin – 3 kilogrammdan ýokary geçmeli däl;

b) aýal-gyzlar üçin – 2 kilogrammdan ýokary geçmeli däl.

3) işiň (çalşygyň) 1/3 böleginiň dowamynda hemişe elde göterilýän we ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar (sagatda 2 gezekden köp):

a) erkek adamlar üçin – 7 kilogrammdan ýokary geçmeli däl;

b) aýal-gyzlar üçin – 4 kilogrammdan ýokary geçmeli däl.

4) işiň (çalşygyň) 1/3 böleginiň dowamynda beýleki iş bilen gezekleşip (sagatda 2 gezege çenli) hemişe elde göterilýän we ondan-oňa süýşürilýän

agyrlyklar:

a) erkek adamlar üçin – 13 kilogrammdan ýokary geçmeli däl;

b) aýal-gyzlar üçin – 5 kilogrammdan ýokary geçmeli däl.

5) işiň (çalşygyň) dowamynda elde ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklaryň jemi agramy (iş ýeriň üstünden göterilende):

a) erkek adamlar üçin – 500 kilogrammdan ýokary geçmeli däl;

b) aýal-gyzlar üçin – 200 kilogrammdan ýokary geçmeli däl.

6) işiň (çalşygyň) dowamynda elde ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklaryň jemi agramy (ýeriň üstünden göterilende):

a) erkek adamlar üçin – 250 kilogrammdan ýokary geçmeli däl;

b) aýal-gyzlar üçin – 100 kilogrammdan ýokary geçmeli däl.

7) relsler boýunça hereket edýän wagonetkalarda elde ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar:

a) erkek adamlar üçin – 246 kilogrammdan ýokary geçmeli däl;

b) aýal-gyzlar üçin – 164 kilogrammdan ýokary geçmeli däl.

Ýapgyt tekizlik boýunça wagonetkalarda elde ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar üçin aňryçäk galşyň çägi (ýagny, galşyň iň ýokary beýikliginiň ýoluň uzynlygyna bolan gatnaşygy) 0,01-den köp bolmaly däl.

8) üç we dört tekerli arabalarda elde ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar:

a) erkek adamlar üçin – 41 kilogrammdan ýokary geçmeli däl;

b) aýal-gyzlar üçin – 28,7 kilogrammdan ýokary geçmeli däl.

Üç we dört tekerli arabalarda elde ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar diňe düz ýer – ýoldüşekli, tagtaly, plitkaly we şulara meňzeşler boýunça hereket edilende rugsat berlip – onda aňryçäk galşyň çägi (ýagny, galşyň iň ýokary beýikliginiň ýoluň uzynlygyna bolan gatnaşygy) 0,02-den köp bolmaly däl.

9) arabalarda ýa-da konteýnerlerde elde ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklar üçin sarp edilýän güýç, şulardan ýokary geçmeli däl:

a) erkek adamlar üçin – 13 kilogrammdan ýokary geçmeli däl;

b) aýal-gyzlar üçin – 5 kilogrammdan ýokary geçmeli däl.

## IV. Jemleýji düzgünler

11. Elde göterilýän we ondan-oňa süýşürilýän agyrlyklaryň agramyna gabyň we gaplamanyň agramy, şeýle hem olary götermek we ondan-oňa süýşürmek üçin gurluşlaryň (ýagny, wagonetkalaryň, arabalaryň, galtaklaryň we şulara meňzeşleriň) agramlylygy hem girýär.

12. Şu Kadalary berjaý etmek jogapkärçiligi iş berijiniň üstüne ýüklenilýär.